# Kyrk ýyldan soñ gaýdyp gelen şol aýazly gün / hekaýa

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kyrk ýyldan soñ gaýdyp gelen şol aýazly gün / hekaýa KYRK ÝYLDAN SOÑ GAÝDYP GELEN ŞOL AÝAZLY GÜN




Gum içinde mesgen tutan, aňyrsy-bärsi görnüp duran obanyň içi her hili ulagdan doludy. Garaja agany sylap, ýakyn-daşdan toýa gelen adamlara taňryýalkasyn aýdylandan soňra, adamlar ikibir-üçbir öz ulaglaryna tarap ýöneldiler.
Ady tutulan Nurguly aýak çekip, yzyna öwrüldi. Garaja aga eken. Ýaşuly onuň ýanyna gelip:
– Keýmiriň ogly (ýaşuly gowy gatnaşan, gatnaşyp ýören adamlarynyň perzentleriniň atlaryny tutman, olaryň dädeleriniň atlaryny tutýardy), ulagyňda bir kişä ýer tapylmazmyka? – diýip sorady.
– Bir däl, dört adamy äkidip biljek, Garaja aga. Bärik bir özüm geldim. Siziň obaňyzdan çykyp, gara ýola çenli ýarym sagada golaý ýöremeli. Ondan aňrygam aralyk ep-esli bar. Ýanyň ýoldaşly gitseň, ýol gysgalan ýaly bolýar. Çagyr gitmeli adamy.
Ýaşuly göwnühoşluk bilen ýylgyryp:
– Häý, berekella, ömrüňe bereket, bala! – diýdi. Soňra başyny

ýaýkap, aýdanynyň üstüni ýetirdi: – Wah, Keýmir janyň özi üýtgeşik gowy adamdy ahyry, gara yere dözer ýalymydy?.. Onuň yzyny ýitirmeýäniňe begenip ýörendirin, bala…

Garaja aga hol aňyrda özlerine seredip duran ýaşula elini salgady. Onuň ikibaka yranyp gelşini synlap duran Nurguly: “Aýak agyrydan ejir çekýän bolara çemeli” diýip içini gepletdi.

Ikisi salamlaşdylar. Uzyn boýly, garaýagyz, giň maňlaýly, seýrek gaşly, ümezläp duran goýun gözli, mähnet burunly, dodakman agyzly ýaşulynyň kellesinde bagana gulakjyn, egninde köp wagt bäri geýlip ýörlendigi görnüp duran sary penjek, goňur köýnek, aýagynda bu golaýda ütüklenmedik gara balak bardy.

Ol öý eýesi bilen hoşlaşyldy. Ulag ýola düşdi.

Nurguly birmahal daşary ýurtly meşhur ýazyjylaryň biriniň hekaýalar ýygyndysyny okapdy. Onda ýerleşdirilen ilkinji hekaýa: “Ähli zada hiňňildik sebäp bolupdy” diýen jümle bilen başlanýardy. Onuň birden ýadyna düşüşini diýsene! (Umuman-a okan goşgularyndaky käbir setirleriň, hekaýalardyr uly göwrümli eserlerdäki käbir jümleleriň aram-aram şeýdip duýdansyz gelip, kellä gonaýmasy bar). Nurguly: “Diýmek, ähli zada toý sebäp bolýar-da” diýip içini gepletdi.

Ol ajy ýylgyrdy…

***

Kerpiçden salnan iki otagly öýe ata-eneden başga bir ogul, üç gyz girip-çykýardy. Gurluşyk edarasynda işleýän Keýmir maşgalany zada zar edenokdy. Içki otaga geçip, ýassyk tirsekläp ýatmaga-da, goňşy-golam bilen salkyn saýada warsaky urup oturmaga-da onuň wagty ýokdy. Irden öýden çykyp, yzyna ikindin dolanyp gelerdi. Ýadawdygy ýüz-gözünden bellidir, ýöne bir çäýnek çaýy boşadar-da, agşamlyk nahary ýetişýänçä ýa-ha mal ýatagyny, towuk ketegini arassalar, ýa-da başga iş bilen gümra bolar. Her gün şeýledir. Gaýtalanyp duran şol bir zatlar ýüregine düşäýmeli ýalydyr weli, ýok, ne ýadardy, ne-de ýaltanardy. Gaýtam: “Meniň taýçanagym zordur” diýip, Nurgula-da güýjüniň ýetýän işlerini buýrardy.

Hepdäniň dynç günleri howla şatlyk aralaşardy. Keýmiriň söwer dostlary Ütebaý bilen Güseýin gelerdi. Üç bolup sallançak, sandyk ýasardylar. Şol töwerekdäki öýleriň köp hojalyk

işlerini-de dostlar bitirerdiler. Ýasan zatlary alnyp gidilenden ýa-da odur-budury bejerilen öýden dolanyp gelnenden soňra, ussalaryň bolşuny bir görsediň! Keýpi çag Ütebaý gazakçalap: “Aý-aý, kyzdar-aýa” tutdurardy, köp wagt geçmänkä hem, Güseýin: “Öýümize gälin gälir” diýip, azerbaýjan aýdymyna başlardy. Çagalar biri-biriniň ýüzüne seredişip gülüşerdiler.
Keýmir aýdym diňlemegi gowy görse-de, özi aýdym aýtmazdy, “Allatagala maňa bu ugurdan ukyp bermändir” diýerdi.Ýöne ol juda köp goşgy bilýärdi. Ýönekeý işçi diýjeksiň weli, olary labyzly aýdyşyny diňläp görsediň! Aýaly Ýazjemal goşgy aýdyp bermegi aram-aram ýassykdaşyndan haýyş ederdi. Çagalar goşgularyň manysyna düşünmeselerem, seslerini çykarman oturardylar. Her gezer goşgy okalandan soňra, Ýazjemal onuň ýüzüne mähirli seredip: “Deň-duşlaryň saňa ýöne ýerden piripisir diýmeýär, ýanyp duran zehin sen, Keýmir” diýerdi.
Öz kakasyna piripisir (professor) adynyň näme üçin berlendigini Nurguly ýigit çykan mahaly birinden eşidip, hezil edip gülüpdi. Gülmez ýalymy?
Keýmiriň ýaňy öýlenen wagty eken. Ol günleriň birinde gelnini atasy öýüne görme-görşe äkidipdir. Yzyna ugramazdan ozal, obanyň orruk ortasynda oturan dükana baryp görüpdir. Ol ýerden satyn alnan türkmen, rus dillerindäki kitaplar gujagyny doldurypdyr.
Keýmir garasyny saýlap-saýlamanka, obanyň içine: “Şäherli giýewimiz samsyk bolmaly, çaňa bulaşyp ýatan, unuň gapdalyna goşulyp satylýan kitaplaryň hemmesini satyn alyp gidiberipdir” diýen gürrüň ýaýrapdyr. Ýöne dükançy: “Ol samsyk däl-de, hakyky piripisir bolmaly. Haýsy kitaby eline alsa, “Hä, bu ýazyjynyň ady maňa tanyş, pylan eserini okapdym” diýip dur. Men-ä oňa telpek goýdum” diýenden soňra, ýakymsyz söz bolan “samsyk” gulaga hoş ýakýan “piripisir” bilen çalşyrylypdyr.
Nurguly kakasynyň ýygnan kitaplarynyň içinde ulaldy…
Keýmir bir zada gümra bolup otyrdy. Ol ýanynda peýda bolan oglunyň ýüzüne garap:
– Taýçanagym, begenjiňden uçaýjak bolýaň weli, sen ýa-ha bir gowy zat eşidipsiň, ýa-da bir gowy zat görüpsiň öýdýän?- diýip sorady.

– Kaka, howlymyzyň burçunda gapjyk ýatan eken… Men…
Keýmir edip oturan işini bir gyra süýşürdi.
– Näme “men”? Aýdyber, taýçanagym.
– Men ony açyp gördüm. Içinde köp pul bar eken… Alaýynmy?
Keýmir gyra süýşüren işini ýene öňüne aldy. Başyny galdyrman oturyşyna:
– Özüň goýan bolsaň, al, taýçanagym! –diýip jorap gaýtardy.
Nurguly gapjygy almady. Agşam kakasy halallyk, haramlyk hakda kän gürrüň etdi. Ýöne şol gürrüň Nurgulynyň ýadyna düşenok. Kakasynyň: “Özüň goýan bolsaň, al, taýçanagym!” diýen sözleri weli hakydasynda hemişelik galdy…
Ütebaý dosty günleriň birinde Keýmire ýüzlenip: “Tüweleme, çagalaryň ulalyp barýar, goşmaça gurluşyk etsek nädýär?” diýip sorapdyr. Keýmir onuň pikirini oňlapdyr. Şeýdibem, assa-ýuwaşdan howlynyň beýleki çetinde ýene iki otagly, çaklaňja öý peýda boldy. Onuň depesini basyryp ýörkäler, Keýmiriň aýagy typyp, güwläp gaýtdy. Hernä, Hudaý onuň demligine degmedi, ýöne şondan soňra çep aýagyny ýempäp ýöreýärdi…

***

Nurgulynyň ýatlamasynyň arasy üzüldi.
Ýaşuly:
– Näme kär edýäň, ogul? –diýip sorady.
Ol ýoldan ünsüni sowman oturyşyna:
– Mugallymçylyk – diýip jogap gaýtardy.
– Hä, gowy käriň bar eken. Umuman-a, kärleriň ählisi gowy. Öz işiňi hormatlamaly, oňa ýüregiň bilen berilmeli. Sen çagalar bilen işleýän bolsaň, men ömürboýy ulular bilen işledim. Kanunyň, tertip-düzgüniň bozulmagyna garşy göreşdim. Tanaýanlaryň käbiriniň meni zabun adam hökmünde häsiýetlendirmekleri mümkin. Ýöne men öz borjumy birkemsiz bitirmek üçin şeýtdim. Onsoňam hemme kişä ýaranyp bolýarmy näme? Şeýle dälmi?.. (Nurguly geplemedi).
Böwregim bökýän döwürde ýaşulylardan bir sanawajy köp eşidipdim. Onda çagalyk – çawan oka, ýigitlik – sähel salymlyk şemala, garrylyk – sowuk gyşa meňzedilýärdi. Aý-ýyllara salym

ýok, özümiňem garrylaryň hataryna goşulanymy duýman galdym. Adamyň ýaşy ýokary galdygyça, onuň hyk-çoky artyp ugraýar, men weli beýle däl. Hudaýa şükür, saglygym heläk edenok, işdämem, ukymam gowy. Ýogsam bolmanda, segseniň içindäki adam men. – Ol çep elini emaý bilen Nurgulynyň sag eline ýetirdi. –Wiý, biri-birimize adymyzy aýdamzok-la? Maňa Nedir diýýärler, sen kim bolmaly?

– Nurguly.

– Hä, nurly günde dünýä gelipsiň-ow. Kakaňam barmy?

– Ýok. Elli iki ýaşynda ýurduny täzeledi.

– Wah-wah-eý, ir gidäýen eken-ow. Jaýy jennet bolsun!

Dymyşlyk aralaşdy. Nurguly ýoldaşy gürrüňini dowan etdirer öýtdi. Beýle bolmady. Ulagyň gara ýola düşmeli wagty golaýlap gelýärdi. Nurguly birden onuň tizligini ýuwaşatdy, kellesini ýaşula tarap öwrüp:

– Nedir aga, daşary çykyp, tämiz howadan dem alsak nädýär? –diýip sorady.

– Ýüregim bolduň, Nurguly jan.

Ulagdan düşdüler. Asmandan bakýan Günüň şöhlesi ýiti däldi. Daş-töwerek sarymtyl goňur reňke dulanypdy. Howada topragyň, möwritini ötüren ot-çöpleriň ysy bardy. Barha ulalyp barýan gara bulutlaryň hä diýmän, gök ýüzünde hökmürowanlyk etjekdigi görnüp durdy.

Asmanda duýdansyz bürgüt peýda boldy. Ol aw agtarýarmyka ýa-da uly ýaşlysy ulagyň ýeňsesine aýlanan, kiçi ýaşlysy elini arkasyna tutup, gözüni bir nokada diken iki ýolagçyny synlaýarmyka?.. Gözýetime çenli aralyk agyr ümsümlige gark bolup ýatyrdy.

“Geçen eýýamlaryň akyldarlarynyň ýüzlerçesi dünýä barada öz pikirlerini aýdypdyrlar, ony her hili zada deňäpdirler. Ýöne özi hakda näme aýdylandygy dünýäniň piňine-de däl, onuň şol bir bolşy: gynandyrýar, begendirýär, agladýar, güldürýär, ruhdan düşürýär, ertirki güne umyt döredýär… Adam özüne berlen ömri şeýdip, ber-başagaýlykda geçirýär. Okan bir kitabymda baş gahryman iň soňky deminde näme diýýär? “Eý, dünýä! Ikimiz hoşlaşmaly”. Ýok, beýle däl… “Eý, oýun-bazy ýetik dünýä”. Ýok, beýle-de däl… Hä ýadyma düşdi: “Eý, dünýä! Seniň gursagyňda

meniň yzym galandyr! Men hiç wagtda süýrenip gezen däldirin! Men seniň bilen hoşlaşamok, dünýä, sende meniň nesillerim galandyr!” Ýaman adam bolup ýaşamak ap-aňsat, gowy adam bolup ýaşamakda iş bar. Dünýäniň gursagynda yz goýmak her kese başartmaýar…”
– Ugramarysmy, Nurguly jan?
Ol ulagyna tarap ýöneldi.

***

Keýmir şol gün işden öýe goltugy sowgatly geldi. Göreldeli işleýändigi üçin kostýum-balak bilen sylaglapdyrlar. Ýöne geýip gördi weli, ölçegi kiçi boldy.
Ýazjemal muňa juda gynandy.
– Ýekeje bolansoň, kassum-jalbaryň halys tozupdyr. Täzesini almagy-da şol ertä goýup ýörşümiz. Şunuň ölçegi laýyk gelenliginde, tüýs bolaýjak eken – diýip, ony ahmyrly sypalady.
Keýmir:
– Men muny ertir bazara çykaraýyn. Ol ýerdäki söwdagärlerden näçe nyrh kesse boljakdygyny soraýyn. Düşen pula-da Nurguly jana ädijek, çagalara süýji-köke alaýyn-diýdi.
– Gör-dä yagdaýyňy. Elden çykarar ýaly däl welin, nätjek-dä…
– Beýle gynanma, Ýazjemal. Nesip bolsa, el-aýagymyz giňär, edil şuňa meňzeşini satyn alarys.
Dekabr. Ýekşenbe. Ataly-ogul bazara ugradylar. Ulusy – kyrk, kiçisi – on üç ýaşynda. Gury aýazly gün. Keýmir galyň geýnen oglundan häli-şindi: “Üşäňok dälmi?” diýip soraýardy.
Gyşyň gylyksyz günleriniň biri bolsa hem, bazaryň mähellesi ýetikdi. Ataly-ogul onuň gündogar burçunda üýşüp duran adamlara tarap ýöneldiler. Golaýlanlarynda, Keýmir ogluna ýüzlenip:
– Men derrewjik gelerin. Sen şu ýerde gymyldaman dur, Nurguly jan-diýdi.
Ol geýnüwli bir kişiniň ýanyna baryp, torbasyndan getiren harydyny çykardy.
Söwdagär onuň eýlesine-beýlesine syn etdi.

Keýmir yzyna ýylgyryp dolanyp geldi.
– Oglum, muňa köp pul berilýän eken. Ýör, bir boş ýere baraly.
Ataly-ogul nämäniň-nämedigine düşünmän galdylar: Keýmiriň iki gapdalynda goly gyzyl daňyly iki pyýada duýdansyz peýda bolup, ony südenekledip diýen ýaly alyp gitdiler. Nurguly olaryň yzyna düşdi.
Olar bazaryň girelgesiniň çep tarapynda gurlan beýik basgançakly bir otagly jaýa bardylar. Süňňüne çilimiň ýakymsyz ysy ornan ýerde durar ýaly däldi. Törde goly gyzyl daňyly, garaýagyz otyrdy. Ol Keýmiri sulhy almazlyk bilen synlady, soňra: “Bu oglanjyk kim?” diýen manyda gapynyň agzynda egnini gysyp, gözlerini elek-çelek edip duran Nurgula ümledi. “Nökerleriniň” kelte boýlusy:
– Başlyk, bu alyp-satarlyk edýän eken. Ýanyna oglunam alyp gaýdypdyr-diýdi.
Törde oturan ýaňsyly ýylgyrdy:
– Dogmasyna “gowy” görelde görkezýär diýsene.
Keýmir ýanynda duran goly gyzyl daňyly kişä seredip:
– Näme ýalan sözleýäň? Kim alyp-satarlyk edýär?-diýdi.
Ol:
– Sen edýäň. Goltugyňdaky näme? Başlyga-da görkez – diýip, arkaýyn jogap gaýtardy.
– Görkezmeli bolsa, görkezäýeris.
Keýmir goltugyndakyny stoluň üstünde goýdy.
Törde oturan çilim otlandy.
– Bu harydyň öýüňde ýene näçesi bar?
– Ýekejesem ýok. Muny maňa işde sowgat berdiler.
– Senem onuň bahasynyň üstüne ep-esli goýup sataga-da, peýda gazanjak bolduňmy?
– How, inim…
Başlyk çilimini gahar bilen küldana basdy. Atylyp turdy-da, Keýmirriň ýanyna geldi. Uzyn barmagyny onuň gözüne sokaýjak bolup, azmly gepledi:
– Nedir hiç wagtda kanuny bozýanlaryň inisi-de, agasy-da bolan däldir. Bolmazam. Şuny bek bellegin! Şu ýere getirilýänleriň hemmesi ak jüýje-de, diňe biz ýaman. Ýalan gürrüňleri dagy halta-halta. Ine, sen, eger sowgat berlen bolsa, ony nämüçin

bazara çykarýaň? Geýseň bolmadymy? Hä?
– Ölçegi kiçi geldi-dä…
– Ölçegi kiçi bolsa, ogullaryň birine ber.
– Wah, ýekeje oglum bar-a…Ine, şu duran… Oglanlar, maňa ynanyň, muny satyp, pul gazanmak niýetim ýokdy. Golumyz ýuka bolansoň… Biziň tohum- tijimiz söwdanyň nämedigini bilenok ahyry.
Köşeşen Nedir ýerine geçip oturdy. Galam aldy-da, birsalym stoly tyrkyldatdy. Soňra ony bir gyra taşlap, kesgitli gepledi:
– Häzir nirede işleýäniňi anyklap, edaraňa hat ýazarys. Aýdýanyň dogrumy ýa-da özüňden toslaýaňmy – ýygnak geçirip, döküment dolduryp, aýan ederler. Galanynam görübereris.
Keýmiriň haýýaty göçdi.
– Ýygnak diýmäweri, başlyk. Çemçeläp ýygnan abraýym çanaklap döküler. Beýtme!.. Geçirimlilik et!.. – Ol ilki Nurgulynyň, soňra törde oturanyň ýüzlerine seretdi-de, sözüni dowam etdi. – Bi… neme… Nädeli diýsene: men-ä şu kassum-balagy saňa bereýin, senem meni goýber. Goý, saňa sowgadym bolsun!
Nedir onuň ýüzüne mölerilip seretdi:
– Sen näme diýip dursuň-aý?
– Çynym bilen aýdýan: kassum-balbagy özüňde galdyr. Mendenem arkaýyn bol, bu barada hiç ýerde dilimi ýarman.
Nedir ardynjyrady. Soňra “nökerlerine” ümledi. Iki pyýada Nurgulyny daşary alyp çykdylar. Az salymdan içi boşan torbany goltugyna gysdyran dädesi-de peýda boldy. Ol Nurgulynyň elinden tutup, pyşyrdap diýen ýaly gepledi: – Ýör, oglum, bärden basymrak daşlaşaly. Bu gollary gyzyl ýaglyklylarda adamçylyk diýilýän zadyň ys-koky-da ýok, gaýtadan yzymyza çagyrýmasynlar.
Ol birneme ýöränlerinden soňra:
– Adamyň masgara bolmagy ap-aňsatja eken-ow – diýip, özbaşyna gepledi.
Ýol ugrundaky azyk harytlary satylýan dükana girdiler. Kakasynyň jübüsinden iki sany saryja birlik manat, birnäçe köpük çykdy. Ýigrimi köpügi ogluna uzatdy, galanyna-da kemput, köke aldy.

Ol oglunyň elini goýbermän, başyny aşak salyp barýardy. Ýuman agzyny açanokdy. Diňe öýe golaýlanlarynda, oglunyň ýüzüne birhili naýynjar seredip:
– Nurguly jan, saňa ädijek alyp berjekdim weli, bolmady-da… Menden öýkelemegin… Alyp bererin, hökman alyp bererin – diýdi.
Oglanjygyň kakasynyň gataňsy, ýyly elini goýberesi gelenokdy…

***

Ulag şäheriň çetinden girdi. Nurguly ýoldaşyndan:
– Sizi nirä eltmeli? – diýip sorady.
– Howlugaňok dälmi?
– Ýok.
– Onda şu ýol bilen göni gidibermeli. Üçünji çatryga ýetibem, çepe sowulmaly.
Nurguly radiony açdy. Bagşynyň şirin owazy ulagyň içinde ýaýrady. Ine-de, ikinji çatryk. Gyzyl çyra ýandy.
Nurguly göni öňüne seredip oturyşyna:
– Ýaşuly, gowy adamlaryň ömründen ogurlap, uzak ýaşaýanlaram barmyka? – diýip sorady.
Ýoldaşy onuň ýüzüne geň galyjylyk bilen seretdi.
– Bi nä gep boldugy? Heý-de, bir adam başga bir adamyň ömründen ýyl ogurlap bilermi? Sen-ä oňardyň-ow! – diýip jogap gaýtardy. Soňam loh-loh güldi.
Ol ulagdan düşmezden ozal, goltugyndan pul çykardy. Nurguly:
– Ony yzyna salyň, ýaşuly. Men ak göwünden aýdylýan taňryýalkasyny puldan ilerde goýýan adamlardan – diýdi.
– Beýle bolsa, taňryýalkasyn. Ynjytman getirdiň.
Ol ulagdan düşüp, ýol ýakasynda oturan öýe tarap ýöneldi. Örän beýik örülensoň, howlynyň içindäki hiç bir zady görkezmän duran daş diwaryň ortasynda goýlan gyzyl reňkli gapynyň düwmesini basdy. Sähel salymdan derweze açylyp, hüžžük saçly oglanjyk peýda boldy. Olar howla girdiler.
Nurguly ulagyny yzyna öwürdi.
Ejesi daşarda güneşläp oturan eken. Ol ogluny, hamala diýersiň, uzak wagtlap görmedik ýaly garşy aldy.
Nurguly:

– Tüweleme, howlynyň gapysy oturdylypdyr-ow! – diýdi.
– Hawa. Keýmir jan töweregiň oglanlaryny ýygnaga-da, bu işi derrew bitirdi.
Daşarda ogly peýda boldy.
– Sag-aman geldiňmi, däde?
– Geldim. Muny-ha oňarypsyň sen. Reňkläýmesi galypdyr.
– Hawa. Gyzyl çalaýsammykam?
– Ýok! – diýip, Nurguly kesgitli jogap gaýtardy. – Açyk ýaşyl reňk çal, oglum! Hawa, şony çal! Ol ýazyň keşbi ahyry!..

Amanmyrat KIÇIGULOW. Hekaýalar